# Täsin taýçanak / erteki

Category: Ertekiler,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Täsin taýçanak / erteki TÄSIN TAÝÇANAK

Gadym-gadym zamanlarda Hazar deňziniň kenaryndaky obalaryň birinde balykçylar maşgalasy ýaşapdyr. Balykçy agtygy bilen deňizde balyk tutup, guş awlasa, aýaly keçe basyp, haly-palas dokap gün-güzeranyny dolar eken.
Günleriň birinde atasy agtygy bilendeňize balyk tutmaga gidende awlary diýseň şowly bolupdyr. Suwa oklanmagyna mähetdel, toruň içi dürli-dümen balyklardan dolup durmyş. Balykçylartorysoňky sapar suwa taşlanlarda, oňa ullakan bir jandar düşüpdir. Ataly-agtyk näçe gujur-gaýrat, yhlas etseler-de ony gaýyga ýükläp bilmändirler. Olar toruň agzyny mäkäm baglap, gaýygyň yzyna çatypdyrlar-da kenara dolanypdyrlar.
Suwuň saý ýerine gelenlerinde tordakyjandary gören balykçylar haýran galmakdan ýaňa aňk bolupdyrlar. Toratulpar pisint taýjagaz düşen eken. Janawar gözjagazlaryny mölerdip,daşyndakylara geň galmak bilen seredýärmiş wegorkudan ýaňa titir–titir edärmiş.
Balykçylar tora düşen taýjagaz barasynda oba ilatynyň ýanynda dil ýarmandyrlar. Ýaşrynlykdaýylkybanyny çagyryp, oňa täsin taýjagaz barasynda gürrüň beripdirler.Öz kesp-kärleriniň deňizde balyk tutmak we guş awlamakdygyny aýdyp, taýjagazaideg etmegi haýyş edipdirler. Ýylkyban balykçylaryň möhümini bitirjekdigini we ýöne suw atlary bilen bagly gadymdan gelýän bir adatbarasynda taýjagaz kemala gelende aýdaryn diýipdir. Taraplar ylalaşanda taýjagazy ýylky sürüsine goşulypdyr. Ýylkyban hem täsin taýjagaza aýratyn ideg edip başlapdyr.
Taýjagaz tiz ösüpdir. Olderisi altynsöw öwüşgenli, döşi, butlarynyň iç ýüzleri çykym-çykym ýumralyp görünýänýüwrükgunan bolup ýetişipdir.Onuň butlarynyň iç tarapyndan çykyp gelýän kiçijik ganatlary daşyndan mese-mälim görünýär eken. Ony beýleki gunanlardan tapawutlandyrýan bir alamat onuň maňlaýyndan şah kimin bir zat dömüp çykyp gelýär eken.

Balykçy agtygy bilen gunany görmek üçin ýylky örüsine ýygy-ýygydan geler eken. Gunan olary görende begenip, her dürli oýunlary görkezýär eken. Şonda balykçy bilen agtygynyňşatlyk-buýsanjyny hiç zat bilen deňär ýaly dälmiş.Ýylkyban hem sürüdäki baýtallardan deňizde tutulan taý ýaly owadan gunanlaryň dogmagyny arzuw edýär eken.
Bir sapar ýylkyban deňziň kümüşsöw çägeli kenarynda,çarpaýalap, şallaklaşyp, kişňeşip ýören nätnyş aýgyrlardyr baýtallary görüpdir. Olar suwdan çykyp, kenarda otlansoňlar uzyn guýrugyny ýazyp, ýene-de deňiz tolkunlarynyň arasyna siňip gidýär eken.Çöl keýigi mysaly enaýyja taýçanaklar bilen kowalaşyp oýun edýän täsin gunanjyk kowumdaşlaryny görende olara haýran galmak bilen garar eken.
Günleriň birindeýylkyban balykçy bilen duşuşyp, oňa suw atlary bilen bagly gadym döwürden bäridowam edýän pynhan bir adatbarasynda gürrüň beripdir.
“ Kimdir biri suw atyny tutup, ony bir ýyldan gaýryöz hyzmatynda ulansa, oňa azap berse, sütem etse, onuň özi we nebereleri betbagtlyga uçrarlar” diýlip, şol adatda aýdylýar eken.
Balykçy ýylkybanyň maslahaty bilen ylalaşyp, gunanyň kowumdaşlaryna goşulmagyny isläpdir. Günleriň birinde suw atlary kenara otlaga çykanlaryndagunan hem olaragoşulypdyr. Asuda tolkunlaryň üstünden kowumdaşlaryna goşulyp ýüwrüp barýan gunany görenlerinde ýylkybanyň we balykçylaryň ýürekleri rahatlyk tapypdyr.
Şondan bäri ençeme ýyl geçipdir.Gunanulalyp görmegeý suw atyna öwrülipdir. Ol halasgärlerini kalbynda saklaýar. Käte kenara otlaga çykan suw atlarynyň arasyndan saýlanýar-da halasgärlerini täsin oýunlary bilen begendirip, soň bolsamawydeňiziň asuda tolkunlarynyň arasynda salgyma öwrülip gözden ýitip gidýär.

Şahymerdan Sary ogly,
Türkmenbaşy şäheri. Ertekiler